# Ýakyn Gündogardaky uruş ody Russiýany güýçlendirýär

Category: Kitapcy,Nukdaýnazar,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýakyn Gündogardaky uruş ody Russiýany güýçlendirýär **ÝAKYN GÜNDOGARDAKY URUŞ ODY RUSSIÝANY GÜÝÇLENDIRÝÄR**




*Üns merkeziniñ ugrunyñ üýtgemegi mundan beýläk dünýäde iñ köp gürrüñi edilen temanyñ Russiýa-Ukraina urşy däl-de, Ýakyn Gündogar bolmagy Putini rahatlandyrana meñzeýär*

Halkara tema üýtgedi. Häzir dünýäde Russiýa-Ukraina urşunyñ däl-de, Ýakyn Gündogaryñ gürrüñi köp edilýär.

2022-nji ýylyñ 24-nji fewralyndan bäri eýýäm ýigrimi aýa golaý wagt bäri ýüz müñlerçe adamyñ ölümine getiren uruşyñ hüjüm ediji tarapy bolandygy üçin birnäçe gezek raýat ölümlerine sebäp bolmakda aýyplanan rus hökümeti ynjalykly dem aldy.

Hemmesi bu-da däl. Soñky aýlarda Günbatar maddy taýda we ýarag babatda yzygiderli goldap duran Ukrainasynyñ Russiýanyñ garşysynda garaşylan netijäni gazanmaýandygyndan zeýrenýärdi. Soñky gezek ABŞ-nyñ Ukraina niýetlenen täze kömek tapgyryny Kongresden geçirip bilmedi.

Bu ýagdaý diñe ABŞ-da däl, soñky döwürde onuñ täsirine girip barýan Ýewropa döwletleriniñ arasynda-da howsala döretdi. Ýewropa bileleşiginiñ (ÝB) Daşary syýasat boýunça ýokary derejeli wekili Žozep Borrell Waşingtonyñ Kiýewe berjek kömegi

babatda emele gelen böwşeñlikden ynjalyksyzlanýandygyny aýtdy web»ABŞ-nyñ goldawynyñ döredýän boşlugyny Ýewropa dolduryp bilmeýär» diýdi.
Bileleşigij ygtyýarlylary häzire çenli Ukraina 25 milliarda barabar harby serişdeler bilen birlikde jemi 82 milliard ýewrolyk kömek edendiklerini aýdýarlar. ABŞ-nyñ eden kömegi bolsa azyndan 113 milliard dollara ýetýär. (mediýada başgarak maglumatlaram bar).




- **ABŞ Kiýewe kömek bermegini dowam etdirip bilermi?**

Her niçik-de bolsa, Baýden we Pentagon Ukraina edýän kömegini dowam etdirmegiñ bir alajyny tapar, emma näçeräk kömek etjekdigini öñünden bilmek kyn. Waşington 2024-nji ýyl üçin jemi 100 milliard dollarlyk kömek etmegi göz öñüne tutýar. «The Wall Street Journal» azyndan 50 milliardlyk kömegiñ berilip bilinjekdigini ýazýar.
Birnäçe gün öñem ara alyp maslahatlaşylan bu ýagdaýlar häzir üýtgäne meñzeýär. Indi ABŞ «Ysraýyla soñuna çenli kömek» bermek niýeti bilen aýaga gakdy. Öñümizdäki ýylyñ noýabr aýynda prezident saýlawlaryny geçirmeli ýurtda Ukraina bilen Ysraýyla bir wagtyñ özünde uly kömek berilmegi mümkinmikä, muny öñünden çaklamak añsat däl.



Bu çaprazlyklar we kynçylyklar Kremli begendirýär. Şonsuzam uruşy uzak möhlete çekip üstün çykmagy meýilleşdirýän Moskwanyñ nukdaýnazarynda Günbataryñ öz içindäki pikir bölünişikleri we barha artýan «Ukraina ýadawlygy» üstünligiñ esasy açarlarynyñ arasynda hasaplanýar.
Ak Tamyñ «eserdeñ formulany» kämilleşdirip, Ukraina we Ysraýyla edýän kömeklerini bir bukjada birleşdirmäge synanyşýandygy hakdaky habarlar ýaýraýar. Bu synanyşygyñ başa barjagy nägümana.
Emma nähili formula boljakdygy pikir edilende, isleseñ-islemeseñ aklyña «Russiýa duşmanlygy» umumy bähbidi gelýär. Bu pikir soñky günlerde Ukrainanyñ prezidenti Wladimir Zelenskiniñ eden çykyşlarynda mesaña bildirip dur. «Hamasyñ»

terrorçylykly aktlary biken Russiýanyñ Ukraina eden çozuşynyñ arasynda parallellik guran ukrainaly baştutan nyşana hökmünde «Hamas»-Eýran-Russiýa» üçlügini görkezýär we elbetde diñe Ysraýyla ünsüñizi berip Ukrainany goldamagy ýatdan çykarmañ» signalyny berýär.
Şuña meñzeş çemeleşmeler günbatarly mediýada we syýasatçylaryñ arasynda-da agzalýar. (Bu ýerde ysraýyl hökümetiniñ bular ýaly pikirleri öñe sürmändigini nygtap geçeliñ). Hatda käbirleri «Hamasyñ» hüjüminiñ añyrsynda Moskwa bar» diýmäge çenli het edip bilýär. Ganly wakalaryñ rus lideri Wladimir Putiniñ ýetmiş bir ýaşyny dolduran 7-nji oktýabr gününde başlamagy-da käbirleriniñ pikiriçe «üns berilmeli yşarat»…



• **Günbatar garşydaşlygy Russiýany Ysraýyldan daşlaşdyryp biler**

Gürrüňsiz, Russiýanyň daşary syýasatynyň şowsuz ugurlary kän. Emma Ýakyn Gündogarda onuň täsirli üstünlikleri gazanandygyny boýun almak gerek. Moskwa sebitiň ähli döwletleri bilen umumy dil tapyşyp bilýär. Palestinalylar we ysraýyllylar bilenem şeýle. Onuň pozisiýasy araçylyk etmäge laýyk.

Emma bir seredäýmäge birnäçe päsgelçilik bar ýaly.

Russiýa bilen Ysraýylyň, şeýle-de Putin bilen Ysraýylyň premýer-ministri Netanýahunyň arasyndaky oňyn gatnaşyklar soňky döwürde öňküsi ýaly däle meňzeýär. Sowuklyg-a diýio bolmaýar, ýöne aralyk biraz açylana meňzeýär.

Putiniň soňky döwürlerde içerki syýasatda dürli formalarda güýçlendiren «jöhit duşmançylygy» (Zelenskini we käbir oppozisioner rus işewürlerini jöhitligiň üsti bilen tankyt etmegi) rus jemgyýetinde we syýasatçylaryň arasynda Palestina has ýakyn durýan pozisiýa iterýär. Elbetde, şeýle bolmagyna tradision sowet däpleriniňem täsiri bolaýmaly.

Bulardan has möhüm ýene bir gürrüň bar:

Rus ýolbaşçylary «Hamas»-Ysraýyl çaknyşyklary boýunça beren beýanatlarynda iki tarapa-da deň sözleru ulanyp, ýaraşykdan we iki döwletli çözgütden söz açdylar. Emma munuň üstüne şobada «bolup geçýän wakalar üçin ABŞ-nyň we Günbataryň jogapkärdigini» hem goşdular. Günbatar paýtagtlary bilen Moskwanyň arasynda hut şu boýunça syýasy çekişme güýjese gerek.



Geçen wagtyñ dowamynda Günbatar (doly bolmasa-da ep-esli derejede) Ysraýylyñ arkasynda duranda we şol bir ýagdaýda Russiýa garşy pozisiýany dowam etdirende, bu, islese-islemese Kremli has beter Günbatara garşy we has köp Palestinanyñ tarapdarlygyny edýän pozisiýa iterip biler. Elbetde, üýtgeşmelere we şu ikiarada Hytaýyñ pozisiýasyna-da seretmek gerek (Moskwa üçin Ukraina hem başdan geçirýän kynçylyklaryna baglanyşyklylykda halkara düşünişmezliklerde Pekiniñ özüni alyp barşy öñküsinden has möhüm ýagdaýa geldi).
Halkara arenada barha ýalñyzlaşýan Moskwa üçin Tähran hem öñküsinden has möhüm paýtagta öwrüldi. Şunuñ bilen baglanyşyklylykda Russiýanyñ çaknyşyklaryñ Eýrana syçramagyndanam düýpli täsirlenjekdigi görnüp dur.
Siriýa hem bar. Soñky ýyllarda Ýakyn Gündogardaky iñ uly gazanjy bolan Siriýadaky mümkinçiliklerini hiç kimsä beresi gelmeýän Kreml Ysraýyl we ABŞ bilen şu boýunça-da garşyma-garşy bolup biler.
Elbetde, doly tersinden seredip, Moskwanyñ Tähranÿ we Damasky özüne sazlajakdygyny, hatda belkäm Ankara, Kair, Doha bilen birlikde uruş odunyñ söndürilmegi bilen araçylyk edip biljegini-de öñe sürüp bolar.
Emma häzirki günlerde olar ýalam umytly bolmak juda kyn…
Hakan AKSAÝ.

«T24» internet gazeti, 12.10.2024 ý. Publisistika